## Jemgyýetçilik birleşiginiň kärhanalaryny bellige almak

Jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary hakyndaky maglumatlary Döwlet sanawyna girizmek üçin şu resminamalar berilýär:

bellige almak hakyndaky arza;

esaslandyryjynyň kärhanany esaslandyrmak, oňa ýolbaşçy bellemek, onuň tertipnamasyny (düzgünnamasyny) tassyklamak baradaky çözgütleriniň nusgalary;

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy (düzgünnamasy);

esaslandyryjynyň esaslandyrylyş resminamalarynyň nusgalary;

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

ýolbaşçynyň şahsy kagyzy, pasportynyň nusgasy, wezipä bellenmegi baradaky buýrugyň nusgasy;

goýuma nyrh kesmek baradaky resminama (pul görnüşinde bolmadyk goýumly kärhana esaslandyrylan ýagdaýynda);

esaslyk maýasynyň bir böleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama;

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama;

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli belgilerine laýyklykda);

esaslandyryjynyň Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamasynyň nusgasy.